# Ýar gelýär

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025

Ýar gelýär Awçydan gutulan marala meňzäp,
Hem edaly, namys-arly ýar gelýär.
Zenehdany hally, lebleri bally,
Inçe bili zer kemerli ýar gelýär.

Ýar jemaly oda-köze salypdyr,
Yşk zynjyry boýnuma bent bolupdyr,
Göýä şapak-güneşden nur alypdyr,
Aý jemally, gül kamarly ýar gelýär.

Özi bir melekdir, enesine bak,
Dişleri dürdäne, dänesine bak,
Zülpi halka-halka, şanasyna bak,
Hem enarly, goşa marly ýar gelýär.

Gözel, yşkyň bu synamy dilipdir,
Meniň halys ejizlänmi bilipdir,
Köňlümiň şährine talaň salypdyr,
Zemistan dek zor emirli ýar gelýär.

Saçlary sünbüldir, zülpüne maýyl,
Allanyň ýaradan gözelne kaýyl,
Aşyk Saýat Nowa, boldum men saýyl,
Ak gollary galam-kärli ýar gelýär.

Saýat Nowa. Goşgular